# Telwas guşy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Telwas guşy TELWAS GUŞY



Men dünýäde ýeller deýin awara,
Men dünýäde güller deýin nowjuwan.
Yşkyñ derdi goýsa goýsun azara,

Ýar yşkynda müñ ykbalyñ möwji bar.
Göwräme tapylmyş munda sümelge,
Ýöne yşkyñ öý-öwzaryn tapmadym.
Yşkyñ köýükleri misli zümerret –
Ony gizläp gursagymda sakladym.

Gökde dogan Aýa elim uzatdym,
Ýöne oñ şuglasy barçaga düşdi.
Düşnüksiz sudurlar gördüm uzakdan,
Ençäni entetdi bir gülüñ müşgi.

Güller solup barýar gözüm alnynda
Her habar gatanyñ raýyny ýykman.
Nädeýin, bu ömür salgym-salgymdyr,
Yşky jepalardan setpara ykbal…

Aýlandy.
Aýlandy.
Başym aýlandy.
Yşky hijranlara tapylmaz çäre.
Asmanda bir ýalñyz guşum aýlandy,
Bir düşnüksiz saýrap geçdi gijara…

Döwletgeldi ANNAMYRADOW. Goşgular